«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň rektory
__________P.Baýramdurdyýew

«__»____________2025ý.

**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Hakyda göwheri» — sözleriň düri» atly geçiriljek bäsleşigiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Gahryman Arkadagymyzyň paýhas hazynasynyň düri bolan «Hakyda göwheri» atly eseri halkymyz tarapyndan uly söýgi bilen garşylandy. Milletimiziň döreden gymmatlyklaryna, şan-şöhratly ýoluna, taryhda uly yz galdyran şahsyýetlerine bagyşlanan bu gymmatly eser Gahryman Arkadagymyzyň türkmen halkyna bahasyz sowgady boldy. Eser ýaş nesillerde watançylyk duýgularyny ösdürmekde, Watanyň gadyr-gymmatyna düşünmekde, şöhratly geçmişine, çuňňur taryhyna göz ýetirmekde ähmiýetli gollanmadyr.

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň 2025-nji «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň 14-nji dekabrynda çykaran 397-nji buýrugy bilen tassyklanan Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynyň many-mazmunyny açyp görkezmek hem-de ýaşlaryň arasynda giňden wagyz-nesihat etmek boýunça ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleri tarapyndan 2025-nji ýylda ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasyny ýerine ýetirmek, alym Arkadagymyzyň eserlerinde beýan edilýän maglumatlaryň esasynda talyp ýaşlarda ynsanperwerlik, watansöýüjilik, belent adamkärçilik ýaly asylly häsiýetleri kemala getirmek, ylym-bilim ulgamynda döredilip berilýän mümkinçiliklerden peýdalanyp talyplaryň bilimini çuňlaşdyrmak, talyplarda kitap okamak endigini ýokarlandyrmak, kitap okamak arkaly talyplaryň dünýägaraýşyny has-da artdyryp kämil ynsanlar bolmagyny gazanmak maksady bilen Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Hakyda göwheri» — sözleriň düri» atly bäsleşigini yglan edýär.

## I.BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Hakyda göwheri» — sözleriň düri» atly geçiriljek bäsleşigiň esasy maksady Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda beýan edilýän döwletimiziň şöhratly taryhy we köpasyrlyk taryhy-medeni ýadygärlikleri, ruhy-medeni mirasymyzyň gymmatlyklary, Magtymguly Pyragynyň döreden eserleriniň adamzat gymmatlyklaryna ýetiren täsiri, medeniýetimiziň dünýä siwilizasiýasyna goşan goşandy baradaky maglumatlary talyp ýaşlaryň arasynda giňden wagyz etmekden, talyp ýaşlaryň kitap okamak endigini has-da artdyrmakdan, özbaşdak pikirlenmegi, pikirlerini beýan etmegi, öňde goýlan meselelerden baş alyp çykmagy, zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmakdan, olaryň döredijilik başarnyklaryny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

## II. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

1. Bäsleşik 2025-nji ýylyň 10-njy aprelinde 15:00-da Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň web saýtynyň *(https://ihba.edu.tm/)* üsti bilen bilim portalynyň binýadynda ýokary okuw mekdepleriň özünde *onlaýn* gatnaşmak arkaly geçiriler we gatnaşýanlaryň ählisi wideoşekilli aragatnaşyk arkaly göni ýaýlymda görkeziler;
2. Bäsleşigiň geçirilýän ýerini doly gözegçilikde saklamak we ýazgy etmek üçin web kamera gurnamaly we bäsleşigiň dowamynda web kamerany öçürmek we mikrofony ýapmak gadagan edilýär;
3. Gatnaşyjylara bäsleşigiň geçýän wagtynda mobil enjamlaryny we islendik gözükdiriji, maglumat göteriji serişdeleri ulanmaklyga rugsat berilmeýär. Talyplar sowallary özbaşdak işlemelidir;
4. Bäsleşigiň geçirilýän wagty, goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürrüň eden ýa-da kitap-gazet we beýleki maglumat serişdelerini ulanan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar;
5. Bäsleşigi guramak we jemini jemlemek boýunça guramaçylyk we eminler topary döredilýär. Guramaçylyk we eminler toparynyň düzümi Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar;
6. Bäsleşik ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilip her ýokary okuw mekdebinden sany 3-den köp bolmadyk talyp gatnaşyp biler;
7. Bäsleşige gatnaşmaga hödürlenilýän talyplar baradaky maglumatyň elektron görnüşini goşunda laýyklykda taýýarlap, <u>haa.ylym@gmail.com</u> salgysyna 2025-nji ýylyň aprel aýynyň 5-ne çenli ibermeli;
8. Gatnaşyjylar tarapyndan iberilen maglumatlaryň esasynda, talyplara bäsleşige gatnaşmak üçin maglumatlar (login, parol) iberiler.

## III. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI

1. Bäsleşik şahsy bäsleşik tertibinde geçirilýär;
2. Bäsleşik Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlaryň esasynda 100 sany test soraglary hödürlener we olary çözmek üçin 100 minut wagt beriler;
3. Her bir dogry test soragynyň jogaby 1 utuk, ýalňyş test soragynyň jogaby 0 utuk bilen bahalandyrylar. Bäsleşikde gazanyljak utuklaryň iň ýokary mümkinçiligi 100 utuk bolup durýar;
4. Bäsleşige degişli goşmaça soraglary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Ýaş alymlar Geňeşine ýüz tutup öwrenip bilersiňiz (habarlaşmak üçin +99365969287).

## IV. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşigiň jemleri baradaky maglumat Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň *ihba.edu.tm* saýtynda ýerleşdiriler;
2. Bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňijilere degişlilikde I, II, III orunlar beriler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan diplomlar gowşurylar.

*Goşundy*

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Hakyda göwheri» — sözleriň düri» atly geçiriljek bäsleşige

________________________________________

(ýokary okuw mekdebiniň ady)

gatnaşmaga teklip edilýän talyplar barada maglumat

| T/b | Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan ýokary okuw mekdebiniň ady | Fakulteti, hünäri we ýyly |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |

Ýolbaşçy mugallym (familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi):
Telefon belgisi:
Elektron poçta: